# Topragyñ ysy

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Topragyñ ysy TOPRAGYÑ YSY

Señ bilen paýlaşsam egsildi gussam,
Elmydama senden tapdym teselli.
Çyrpynyp-çyrpynyp bahar gelende,
Derde derman bolduñ, derdim peseldi.

Giñ asmanda turuzanda zenzele,
Otly gylyç bulutlary saýgylap.
Seniñ bilen kalbym açyp syrlaşdym,
Sazaklaryñ pena edip, saýalap.

Ýaşalan günleriñ aladalaryny,
Gerdenimde çekdim,
Gördüm eşretin.
Özgelerden agtarmadym günäsin
Ünjülermiñ ýürekdäki hesretiñ.

Huzuryñda müýnüm duýsam kiçeldim,
Päklik ahyr bu durmuşyñ sakasy.
Geçen Gün däl, ömrüñ manysy bilen
Kesgitlenermiş ynsan bahasy.

Göwni hoş,
Käte boş geçen günlermiñ,
Ömür kitabyny sahapma-sahap
Açýan, eziz toprak, alnyñda seniñ
Ýatlamalar juda kändir bihasap.

Ýaşap ýörün bu jahanda yzarlap,
Saña siñen yhlaslaryñ yzyny.
Öz-özümden razy bolup buýsanýan,
Duýdum seniñ mähir siñen ysyñy.

* * *

Baharyňa muşdak boluşym deýin,
Garly gyş säherem özüňe çekdiň.
Burjy baglan ak sazaklaň suratyn
Diňe şygyr bilen kagyza çekdim.

Ak çägänin ak garynda yz goýup,
Ýöredim, diýdiler: «gitme sowukdyr.
Güneş, gör, kimlerden edipdir kine,
Belki, şonuň üçin ýüzün sowupdyr».

Säher päkligiňe päkligiň garyp,
Aýaz ýere buzly zerin çaýypdyr.
Towşanlaň yzyny ýygnamandyr gar
Olar täsin ýoda bolup galypdyr.

Depeler uklapdyr garly ýorganda,
Sazaklaram hüwdüleýär daňa deň.
Sähram, seniň gara çümen keşbiňi,
Ýadaw ula giden enä deňedim.

Ýüzümde eredip gar uçganagyn,
Bagra basdym bu sähranyň yhlasyn.
Ýylatdym demime sazak pürlerin,
Hem diňledim gargalaryň gowgasyn.

Baharyňa muşdak boluşym deýin,
Bu garly gyşda-da özüňe çekdiň.
Burjy baglan ak sazaklaň suratyn
Diňe şygyr bilen ýüregme çekdim.

Miwe TUWAKBAÝEWA. Goşgular